## *Magtymguly Pyragy*

# *«Magtymguly haýran, her ýana bakar»*



Hakyky döredijilik adamsynyň aňyndaky dünýägaraýşy ony düzýän düşünjeler toplumynyň esasynda dörän kanunlar görnüşinde jemlenendir. Onsoň döredji adam şol kanunlaryň gözi bilen daş-töwerege, tebigata nazar salyp, netije çykarýar.

Magtymgulynyň döredijilik gory, esasan, dini we tebigat düşünjelerinden düzülendir. Bu iki düşünje iki dürli nazarýeti döretdi. Häzirki zaman ylmynda ol garaýyşlara «materialistik» we «idealistik» garaýyş diýip at berýärler. Materializmiň tarapdarlary tebigatdaky hemme zatlaryň, hadysalaryň maddy bölejiklerden düzülendigini, olaryň diňe tebigatyň kanunlary esasynda amala aşýandygyny ykrar edýärler. Idealistler bolsa maddalaryň, hadysalaryň esasynda tebigatdan daşardaky güýjüň ýatandygyny, olaryň diňe Taňrynyň eradasy, buýrugy bilen amala aşýandygyny tassyklaýarlar.

Magtymgulynyň döredijilik häsiýeti onuň dünýagaraýşynyň esasy ülňüniň din bilen baglydygyny tassyklaýar. Tebigat hakyndaky düşünjeler bolsa dini garaýyşlaryň üstüni doldurypdyr. Bu ýagday onuň daş-töwerege, tebigata bolan synçy nazaryny terbiýeläpdir, janly, jansyz tebigatyň arasyndaky ýekeleýin we umumy baglanyşygy duýmaga esas beripdir. Şu iki dürli dünýägaraýşyň sazlaşygy, biziň pikirimizçe, döredijilik babatda Magtymgulyny umumadamzat ähmiýetli filosofyň derejesine göterýär. Ony dine uýýanlaram, tebigatçy alymlaram okaýarlar, öwrenýärler. Olaryň hersi özleriçe many çykaryp, aňyny baýlaşdyrýar. Şeýdip, jemgyýetçilik aňy we psihologiýasy terbiýelenýär.

Biziň şu makalada Magtymgulynyň giň dünýägaraýşyny düzýän din we tebigat boýunça düşünjeleriň sazlaşygynyň inçeliklerini öwrenip, okyjylara ýetirmegi makul bildik. Munuň

özi şahyryň tebigatda bolan gatnaşygyny umumy esasda göz öňüne getirmäge mümkinçilik berse gerek.

Magtymgulynyň dünýä akyl ýetirmek hakyndaky pelsepesine laýyklykda, hemme zat maddy bölejiklerden ybarat. Dünýä dört apatdan: otdan, suwdan, ýerden, howadan düzülendir. Şolaryň sazlaşykly utgaşmasy we Taňrynyň eradasy bilen täze zatlar döreýärler. Hemme zat, wakalar wagt birliginde, giňişlikde döreýär, üýtgeýär.

Magtymgulynyň döedijiligindäki tebigat bilen baglanyşykly şerti iki topara : jansyz we janly tebigata bölmek bolar. Bularyň ikisi-de toprakdan döreýär, ösýär, ulalýar, garraýar, ölýär we ýene-de topraga garylýar. Jansyz dünýäniň mysaly hökmünde dagy alalyň. Çünki Magtymgulyda dagyň tebigaty hakynda has giňişleýin gürrüň edilýär. Şahyryň pikiriçe, daglar çygly toprakdan emele gelýärler. Wagtyň geçmegi bilen toprak suwyny bugardyp, dykyzlaşýar – daşa öwrülýar, bu ýagday dyngysyz geçýär, daşlar daga öwrülýär, ulalýar, tozanlaşmany başdan geçirip, garraýarlar we topraga öwrülýärler. / Goşgy setirlerini Magtymgulynyň «Türkmenistan» neşirýatynda 1983-nji ýylda çap edilen iki tomluk «Saýlanan eserlerine esaslanyp alýarys/:

***Aýlanar, gyş geçer, ýaz, tomus, güýz hem,***  
***Anyň le ýagşydyr dag, deňiz, düz hem.***

*/2 t, 31 sah/.*

***

***Toprak bolan daşlar göterip başyn,***  
***Gözün ýaşlap garar,«seň» sesiň aňsa.***

*/1 t, 236 sah/.*

Topraga öwrülen daglar çygly topraga düşüp, ýene-de dag emele getirmäge gatnaşýar. Bu öwrülişikler Gurhany, çygly toprakdan adamyň döreýşi ösüsi, ulalyşy, garraýşy, iň soňunda ölüp, topraga garylşy hakdaky pelsepäni ýatladýar. Öwrülişigiň bu tertibi ösümliklerde-de duýulýar. Ösümlik tohumy ösüşini çygly toprakdan başlaýar, ösýär, ulalýar, miwe getirýär, garraýar, guraýar we ýene-de topraga garylýar.

Diýmek, şahyr janly we jansyz dünýäniň ösüşleriniň arasynda umumylyklary duýýar. Olaryň arasyndaky meňzeşligi görýär.

Eýsem, janly we jansyz tebigat nämesi bilen tapawutlanýar?!

Magtymgulynyň pikiriçe, janly tebigat topraga garylansoň, «o dünýäniň» gazabyna duçar bolýar. Bu ýagday janly tebigata degişli bolan bedeniň özboluşlylygyna görä amala aşýar, emma düýp manysy meňzeş.

Şahyr ösümlikleriň «o dünýädäki» ýagdaýyny şeýle düşündirýär.

***Ýüz ötünçä, ýer gögi günden-güne zyýatdyr,***  
***Bir «haşyr-kyýamatdyr» bir «ýowmy — arasatdyr».***

*/Magtymguly. Saýlanan setirler, aşgabat-1993/.*

Magtymgulynyň düşünjesine görä, ösümligiň tohumy jansyz, öli zat. Tohum merhum adamlar ýaly topraga garylýar, toprakdaky kowumdaş ösümlik tohumlary bilen bir wagtda şineleýär, topragyň üst ýüzüne gögerip çykýar «haşyr — kyýamat»/. Gögerip çykan maýsalar tebigatyň gazabyna —ýagyş-ýagmyra, çapgyn ýellere we şuňa meňzeşlere duçar bolýar, synalýar, ösümlik goranýar /«ýowmy — arasat»/. Synagdan geçip bilen, ösümlik şu dünýäde — «behiştde» ömrüni dowam edýär. Goranyp bilmedikler heläk bolup guraýar.

Biziň pikirimizçe, Pyragynyň ösümlikleriň adama bolan meňzetmesi gadymy ýuan akyldary Platondan/biziň eýýamymyzdan öňki IV-III asyrlar/ alyp gaýdýan bolsa gerek.

Platonyň pikiriçe, Beýik Taňry ilki Adamy ýaradypdyr. Soňra bolsa ösümlikler, haýwanlar ýaradylypdyr. Diňe şondan soň ýaşaýyş başlanypmyş. Ähtimal, ülňi bir bolan şu meňzeşlik hem şahyra adamyň hem ösümligiň «o dünýädäki» ýaşaýyşlaryny umumylaşdyrmaga esas beren bolsa gerek.

Şeýlelik bilen, şahyr bahar paslyndaka ösümlikleriň ömrüni behişde meňzedýär. Magtymgulynyň janly we jansyz tebigat hakdaky oýlanmalaryndan şu aşakdaky ýaly netije çykaryp bolar:

Janly we jansyz tebigat çygly toprakdan döreýär, ösýär, ulalýar, garraýar we ýene-de topraga garylýar.

Janly tebigat bu dünýädäki öz ýaşaýyş möwritini geçirenden soň, topraga garylýar we «o dünýäniň gazabyna» duçar bolýar, dowzaha ýa-da behişde düşýärler.

Paýlanşyň şerti merhumlaryň ýalançy dünýädaki ýaşaýşynyň ahlak \adamda\ we fiziki /ösümlikde/ ýagdaýlaryna bagly.

Magtymgulynyň tebigata bolan garaýşynda «gudrat» düşünjesi-de şertlidir. Şahyr islendik gudratyň logiki çözgüdini gözleýär, netijede, gudratyň mazmuny üýtgäp, gudratlaşan hadysanyň real çözgüdini synanyşyk edilýär.

***Jahanda görkezer gudrat işleri,***
***Ganatyň kuwwaty galdyr guşlary.***

*/2 tom, 57 sah/.*

Şahyr guşuň uçmagynyň başga bir hyýaly zada däl-de, hut ganatyň howa edýän basyşyna, kuwwatyna baglydygyny belleýär, netijede gudrat öz nusgawy mazmunyny ýitirýär.

Magtymguly islendik hadysanyň logiki çözgüdini gözläp, oňa tarap özüniň dini hem tebigat bilen bagly we gaýry pikir gorlarynyň ählisini gönükdirýär-de, esasan real netije çykarýar.

***Pikir ýetmez, ýa reb, niçik pynahandyr,***
***Zulmat içre goýdyň suwuň ýagşysyn.***

*/2 tom, 47 sah/.*

Şahyryň aňynda ýerasty — garaňkydan /zulmatdan/ çykýan suwlaryň ençemesi hakynda düşünjeler: — behişdiň «abyköwser», mukaddes hasaplanýan «abyzemzem», şeýle-de ýerasty guýy, kesel bejeriji mineral, termal suwlar... bar. Şahyr şeýle suwlaryň ýerastynda saklanmagynyň düýp sebäbi hakynda oýlanyp, meseläniň çözgüdini din we tebigat bilen baglanyşykly düşünjeleriň toplumyndan gözleýär.

Şahyryň hemmä belli bolan şu aşakdaky setirlerine üns berliň:

***Magtymguly haýran, her ýana bakar,***
***Bu ne gudrat işdir, suwdan ot çykar?!***
***Ýagşy oguldan rahmet arygy akar,***
***Näletkerde ogul boldy-bolmady.***

*/2 tom, 38 sah/.*

Şahyryň şu bent şygry-da dini we tebigat düşünjeleriniň toplumyndan döräpdir. Allanyň nurdugy hakyndaky teoriýa Magtymgulynyň belent sarpa goýýan akyldary Jelaletdin Rumy tarapyndan giňişleýin işlenilipdi. Rumy Allanyň adyndan şeýle diýýär: «meň özümi — kämil adamy ýaratdym we oňa köp zady ýerleşdirdim. Men hiç zada ýerleşemok. Ýöne imanly, kämil kalba ýerleşýärin». Magtymguly öz kalbynda şeýle nuruň bardygyny bilýär. Ýöne ol nur şahyra ynjalyk berenok, ol ýere-göge syganok. Rumynyň aýdyşyna görä, ol nur diňe

kämil kalba ýerleşýär. Ahmet Ýasawynyň, Jamynyň, Rumynyň, Sopy Allaýaryň tassyklamalaryna görä, kämil adamyň nazary düşen zady gözüne ot, nur bolup görünýär. Beýle diýildigi, kämil adam ähli zatda Allanyň keçbini görýär diýildigidir. Edebiýatçy alym M.Annamuhemmedowyň pikirine görä, mysal getirilen setirdäki ot nur bilen baglanyşyklydyr. Şahyr kalbyna nur, ot siňen oguldan mähir görner. Şol nury, ody kalbyna siňdirmedik ogluň boldugy, bolmadygy bir hasaplaýar, ýagny, şahyr kämil adamy — oda, kämil däl, nadan adamy — sowuk suwa meňzedýär. Sopy Allaýaryň sözleri bilen aýtsak: «Olaryň ikisi-de başga sowukdylar, soňra olaryň biri rahmet nuryny alyp, ot bolup, kämil çykdy, ýagny, «suwdan ot çykdy», beýlekisi bolsa suw ýaly sowuk bolup galdy» diýýär.

Magtymguly dünýä belli bolan sopularyň ýokardaky pelsepelerine esaslanyp, suwdan ot çykmagy — gudrat hasaplapdyr diýen çaklama belli bir heňe gelmeýär. Sopularyň pikirlerine görä, sowuk suwdan /ýagny, adamdan — Ç.K. ot çykybam biler, çykmanam biler. Şu pelsepe esasynda kämil we kämil däl adamlar döreýär. Dini düşünjä görä, bu kanuny ýagdaý.Magtymguly muny «gudrat» hökmünde, elbetde, kabul edip bilmez.

Biziň pikirimizçe, şahyry haýran galdyran gudrat başga zat bolmaly.

Magtymguly bilen, takmynan, bir döwürde ýaşan, ähtimal, daýy-ýegen gatnaşygy bolan Zeliliniň «Zynatydyr» şygrynda şular ýaly setirler bar:

***Abdan — ateş, gamyşdan — gant***
***Çykmak Hakyň gudratydyr.***

*(Dowamy bar).*

***Çary Kulyyew,***
Himiýa ylymlarynyň kandidaty

*Çeşmesi: Turkmenistanynň Altyn Asyr neşriýeden*
*Taýýarlan: Ş.A*
*Türkmen Kultur Ojagy, Göteborg*